# Türkiýe syýahatçylar üçün gadymy şäher-muzeýlerini gijeki ekskursiýalar üçin açýar

“Gijeki muzeýler” programmasynyň synag obýekti Egeý kenaryndaky gadymy Efes şäheri boldy – ol 2024-nji ýylyň 9-njy aprelinden bäri ýarygijä çenli baryp görmek üçin açykdyr.
Efes muzeýiniň müdiri Jengiz Topalyň pikiriçe, programmanyň üsti bilen muzeýe gelim-gidim dörtden bir ýokarlanyp biler. 2024-nji ýylda bu ýerde, takmynan, 2,6 mln adamyň bolmagyna garaşylýar, geçen ýyl Efese 2,16 mln syýahatçy bardy.
Turan welaýatynyň medeniýet we syýahatçylyk müdiri Weli Akýol gijeki ekskursiýalaryň syýahatçylara bu ýerlerdäki tebigy we arheologiki gözelliklerden has ýakymly howada lezzet almaga mümkinçilik berjekdigini belleýär.
Şeýle-de, syýahatçylar üçin gijeki wagtda Pamukkale we mukaddes Ierapolis şäheri elýeterlidir. Bu ýerlere hem syýahatçylar tarapyndan gyzyklanma barha artýar: 2024-nji ýylyň ilkinji dört aýynda Pamukkale tas 482 müň myhmany kabul etdi, bu bolsa geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 55% köpdür. Ýylyň ahyryna çenli syýahatçylaryň sanynyň 3 milliona ýetmegine garaşylýar.
Türkiýäniň Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi syýahatçylyk akymyny artdyrmak maksady bilen gadymy şäher-muzeýleri we meşhur ýerleri gijeki ekskursiýalar üçin açýan ýörite programmany işläp taýýarlady. Bu ýerlere gündiziň yssy howasy sebäpli syýahatçylyk obýektleri bilen tanyşmakdan ýüz öwürmäge mejbur bolýan myhmanlaryň gelip görmegine garaşylýar diýip, bigasia.ru saýty habar berýär.

Все права защищены